# Habarçy / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Habarçy / hekaýa **HABARÇY**

Ýekimde ýigrenenim – gazet!
Bir gezek, ýokary okuwy tamamlaýan uçurlarym gazetçi bolmak höwesi bilen diplomymy goltugyma gysyp, iş sorap, redaksiýalaryň biriniň gapysyndan ätledim. Çal saç goja redaktor:
– Hany, geç şujagaz ýere – diýip, maňa oturara ýer görkezdi. – He-e-e, gazetçi bolmak höwesiň bar bolsa, gaty gowy. Ör-rän gowy. Galam işledişiň oňat bolsa, gazetde iş kän. Bize tüýs özüň ýaly gujurly, hyjuwly ýaş ýigitler gerek… He-e-e, onda sen ilki bilen nät diýsene? Edebi mirasa degişli bir zatjagaz ýazyp getir. Eliňi-diliňi göreli.
– Meselem, näme hakda? – diýip, men soradym.
– Meselem, ynha, Gorkut Ata barada bir makala ýazsaň! Oň başyndan inen derdi-belalar, külpetler… Ylymlar Akademiýasyna barsaň, ähli işiň şo ýerden bitýär. Hiç çekinmegin, edil ýöne gözi ýoguň, ýüzi ýok edip, soraber, idäber. Dogumlyja bolmasaň, hezil bermez. Ýeri, nädersiň, oňararmyň?
– Hek ederin! – diýdim.
– Onda näme, Alla ýaryň, eňiber!
Eňdim. Ylymlar Akademiýasynyň haýbatly jaýyna girdim. Bir gapyny kakdym.
– Gel, gel, giriber! – diýen ses eşidildi.
Salam berip girdim. Gözi äýnekli, takyr kelle bir pyýada gara başyna gaý bolup, kitap dörüp oturan ekeni. Habarymy berdim.
– Ýaşuly, maňa Gorkut Ataýewiç gerekdi!
Başyny galdyryp, ýüzüme bir äňetdi.
– Kim? Kim gerek diýdiň?
Öz ýanymdan bendäň gulagy agyr bolaýmasyn diýip, dury hem çasly ses bilen gygyrdym:
– Gorkut diýýän… Gorkut Ataýewiç…
Tisginip gitdi. Meni boýdan başa ünsli synlap oturyşyna:

– Ýuwaşrak, how! Ker ýok bärde – diýdi. Äýnegini bir aýryp, bir-de dakyp, öte bilesigeliji nazaryny menden sowman:
– Be-e, Gorkut gerek diýdiň-ow! Wah-eý!.. Onsoň diýýän-ä, ýigit, bi Gorkudy nädersiň? – diýip sorady.
– Interwýu aljak – diýdim.
– Interwýu?
– Howwa.
– Kim, haw, sen?
– Habarçy men. Gazetden.
– Baý-bo-oww, asyl gazetden diýsene! Şeýledirem öýtdüm-laý. Ýak, walla! Dogry-y… Ýöne sen, ýigit, biwagt geldiň. Gorkut Ataýewiç bu wagt ýok.
– Garaşsam gelmezmikä?
Ynanmaýan ýaly, ýüzüme mölerilip bakyşyna:
– Gaty çynyňm-aýt seň? – diýdi.
– Çypbakaý çynym.
– Nememi onsoň, hökman Gorkutmy? O interwýu diýýäniňi menden alsaň bolanokmy? Ine, men Gorkut barada saňa gaty kän zat aýdyp biljek. Nädýä?
– Bolanok, ýaşuly! Maňa Gorkut Ataýewiç gerek. Başlygyň tabşyrygy.
– Be-e, onda sen, ýigit, şu ýerden çykyşyňa çepe dön. Däliziň aýagujynda ýüzüne “Arhiw” diýlip ýazylgy bir gapy bardyr. Gorkudy, ana, şo ýerden taparsyň.
– Bolýa. Köp sag boluň! – diýip çykyp gaýtdym. Salgy berlen gapyny tapyp, kakyp gördüm. Hiç kim jogap bermedi. Çekip gördüm. Açylmady. Gelýänçä garaşmasam, alaç ýok. Garaşyberdim. Aýak üstünde diwara ýaplanyp duran ýerimde tas irkilen ekenim. Ýanaşyk gapylaryň birinden eli petde kagyzly, orta ýaşlaryndaky biri çykdy. Salam berdim. Aleýk alyp:
– Birine garaşýaňmy? – diýdi.
– Howwa – diýip, habarymy berdim. – Gazetden iberdiler. Habarçy men. Interwýu almaly. Gorkut Ataýewiçe garaşýan.
– Gorkut Ataýewiçe? – diýip, ol geň galyp sorady.
– Howwa. Derrew gelermikä?
Gökden düşen ýaly äm-säm bolup, biraz duransoň, meniň asla henek etmeýändigime gözi ýetdi. Birdenem hahaýlap gülüp

goýberdi.
– E-eý, adam! Nireden çykdyň-aý? Haýsy eýýamyň adamsy sen? Waý, içim… Gorkut Ataýewiç diýdiňmi?.. Wu-ha-ha!.. Waý, waý… A-how, habarçy, biz ony müň ýyl mundan öň ölendir öýdüp ýördük. Asyl dirimidi ol? Waý, gülüp, içim gyryldy-la…
Munuň gülküsine beýleki otaglarda oturanlaram çykdy.
– Eşidýäňizmi? Gorkut Ataýewiçi sorap gelipdir. Interwýu aljak diýýä…
Asyl görüp otursam, Gorkut Ata diýilýän adam ant eýýamynda ýaşap öten bolsa nätjek? Pah! Ökjä tüýkürip, şo bada ýeňsämi el ýaly edendirin-ä.
Şodur-da şodur, ýigrenenim gazet boldy.

***28-nji ýanwar, 2016-njy ýyl. Mary.***

Kakamyrat ATAÝEW. Satiriki hekaýalar